# ALKOGOL, NEŞE WE TOKSIKI SERIŞDELERI ULANMAK BOÝUNÇA SYÝASATY

**«Alkogol, neşe we toksiki serişdeleri ulanmak boýunça Syýasaty» (mundan beýläk — «Syýasat») maksady, işgärler üçin howpsuz zähmet şertlerini döretmäge, olaryň ömrüni we saglygyny goramaga, sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmäge, ahlak kadalaryny we ýokary korporatiw medeniýeti terbiýelemäge hem-de goldamaga gönükdirilendir.**

HK-nyň ýolbaşçylygy şu «Syýasaty» berjaý etmäge, ony HK-nyň ähli işgärleriniň dykgatyna ýetirmäge, ony yzygiderli täzelemäge we gyzyklanma bildirýän taraplar üçin elýeterliligini üpjün etmäge borçlanýar.

## 1. Umumy ýagdaýlar

1.1. HK-nyň ähli işgärlerine HK-nyň çäginde alkogol ýa-da neşe serişdeleri zerarly serhoş ýagdaýda bolmak gadagan edilýär.

1.2. HK-nyň işgäriniň (kömekçi potratçylaryň we ş.m.) HK-nyň çäginde (çalşykly (wahta) şäherçelerinde, düşelgelerinde, beýleki ýaşaýyş ýerlerinde) bolýan döwründe islendik görnüşli alkogolly içgileri, düzüminde spirt bolan suwuklyklary (olaryň düzümindäki etil spirtiniň göterimine garamazdan), neşeleri, hojalykda we önümçilikde ulanylýan himiki we toksiki serişdeleri ulanmak gadagan edilýär.

1.3. Neşeleriň islendik görnüşine eýelik etmek, ýaýratmak we ulanmak gadagan edilýär. Diňe lukman tarapyndan kesellere garşy bellenen, çäklendirilen mukdardaky, belli bir möhletdäki we lukmançylyk işgäriniň gözegçiligindäki ýagdaýlar muňa kadadan çykma bolup durýar.

1.4. HK-nyň ähli işgärleri her ýylky lukmançylyk barlagyndan geçenlerinde, neşe we alkogol baradaky barlagdan ýylda azyndan bir gezek geçirilýär.

1.5. HK-nyň çäginde, önümçilik meýdançalarynda, iş ýerlerinde, ýaşaýyş ýerlerinde işgärlere temmäki we temmäki önümlerini çekmek gadagan edilýär. Temmäki we temmäki önümlerini çekmäge diňe ýörite bellenen we degişli derejede enjamlaşdyrylan ýerlerde rugsat berilýär.

1.6. «Umumy ýagdaýlar» bozulan ýagdaýynda, işgär Türkmenistanyň kanunçylygy boýunça jogapkärçilige çekilmelidir.

## 2. Işgär alkogol, neşe ýa-da toksiki serişdeleri zerarly, serhoş ýagdaýda iş ýerine gelende, ony jogapkärçilige çekmegiň tertibi

2.1. HK-nyň bölüm ýolbaşçysy ýa-da hyzmat ediş nokadynyň ýolbaşçysy, serhoş ýagdaýda (alkogol, neşe ýa-da toksiki serişdeleri zerarly) bolan işgäri, onuň gönüden-göni tabynlygyna garamazdan, haýal etmän işden çetleşdirmäge (işe goýbermezlige) borçludyr. Şunlukda, işden çetleşdirmek fakty topar (komissiýa) tarapyndan degişli aktyň üsti bilen resmileşdirilýär. Akta (zerurlyk bolsa) şaýatlaryň ýazmaça görkezmeleri goşulýar.

2.2. Alkogol, neşe ýa-da toksiki serişdeleri zerarly, serhoşluk ýagdaýy tassyklanan mahaly, işgär işe goýberilmeýär we oňa Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, düzgün-nyzam jogapkärçilik çäreleri ulanylýar.

2.3. Düzgün-nyzam temmisi berilmezinden ozal, işgär HK-nyň çäginde serhoş ýagdaýda (alkogol, neşe ýa-da toksiki serişdeleri zerarly) bolandygy baradaky fakt boýunça ýazmaça düşündiriş bermäge borçludyr.

2.4. Işgärden agzalan düşündirişi almagyň mümkin bolmadyk ýagdaýynda ýa-da onuň ýazmaça düşündiriş bermekden ýüz öwüren ýagdaýynda, topar tarapyndan degişli akt düzülýär. Işgäriň düşündiriş bermekden ýüz öwürmegi, düzgün-nyzam temmisini bermek üçin päsgelçilik bolup durmaýar.

| «Arassa Deňiz» HK-nyň<br>Baş direktory<br>(wezipesi) | M.W. Şwydko<br>(F.A.A.a.) | ____________ | «10» noýabr 2025 ýyl<br>(sene) |
| --- | --- | --- | --- |

TÜRKMENISTAN. AŞGABAT ŞÄHERI. HUSUSY KÄRHANASY «ARASSA DEŇIZ»